# Sen meniň alma-narymsyň

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen meniň alma-narymsyň SEN MENIÑ ALMA-NARYMSYÑ!



Men muny gaýtalap ýörmen,
Men muny mydam aýtmaryn.
Bu sözi gursagña ýörme,
Bu sözlerim aýgytlydyr:
Sen meniñ alma-narymsyñ

Hem meniñ arym-namysym.
Men mydam bolman ýanyñda,
Ýadyñda bolaýyn mydam.
Sen meni ýatlap ýadañda,
Bu sözlerim bolsun mydar:
Sen meniñ alma-narymsyñ
Hem meniñ arym-namysym.

Men borun ýanyñda mydam,
Şu mydam ýadyñda bolsun!

Bardy-geldi dolsa kazam,
Sen menden ýadañda dolsun:
Sen meniñ alma-narymsyñ
Hem meniñ arym-namysym.

* * *

Ol mahallar gara saçym ösgündi,
Gezerdim dünýäniñ soñuny saýman.
Hudaýyñ öñünde nädir ýazygym?!
Seni maña neçün, neçün gysgandy?

Sensiz şindem dem berip ýör bu pany,
Yşykly dünýäden elim sowady.
Öçdi umyt, öçdi gursagyñ ody,
Ne gany bar, ne jany bar, ne many.

***

Rifma – ritm.
Garym-gatym,
Bu çetin.
Tankytçylar edil tank,
Dat ýetiñ!
Hiç zat ýok.
Tolgunmañ!
Boljak iş bolupdyr, indi howlukmañ,
El degirip, görkün bozmañ suratyñ.

Gündiz sagat 12,
Gün öz ýerinde.
Ýerem –
Bagy-erem.
Gözüñizi açyñ bir kerem.
Şahalaryñ arasyn aç –
Ýalañaç
Öli.
Gorkmañ ölüden.
Ýöne weli,
Galam göni
Ondan ötri,
Günäsini geç öñünden,
Ol ýatan gyz,
Namysy alnyp, ýerine
Hasrat goýulan.
… Bir ýowuz alamat gezýär durmuşda.

Bapba GÖKLEŇ. Goşgular